**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlarynyň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

Aprel, 2026ý. 4-nji sany. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany ýyly



## ÖSÜŞLERDE BEDEWLERIŇ BADY BAR

Bedewini behişdi saýýan, uçar ganatyna, iň wepaly ýoldaşyna, gardaşyna, syrdaşyna deňeýän, atyň agynan ýerinde toý boljakdygyna öz durmuşynda ýüzlerçe ýola göz ýetiren halkymyz -Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany” ýylynyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde, her ýylda bolşy ýaly, Türkmen bedewiniň mili baýramyny giňden belläp geçdi. “Atababalarymyzyň döreden maddy gymmatylykarynyň naýbaşylarynyň biri hasaplanýan türkmen bedewleri halkymyzyň buýsanjydyr. Ahalteke bedewleri behişde mynasyp görülýän, gyzdan gylykly gözelligiň nusgasydyr. Gamyşgulak bedewlerimiz halkymyzyň gymmatly hazynasydyr diýmek bilen, bedew atlary gadyr- gymmatyny arşa göterýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda olaryň hormat-sarpasynyň, dünýädäki şan-şöhratynyň has-da belende göterilendigine ertir tutuş ýurdumyzy gurşap aljak giň gerimli dabaraly çäreleriň mysalynda halkara jemgyýetçilik ýene bir ýola aýdyň göz ýetirer. Gözelligi, ýyndamlygy, wepalylygy özünde jemleýän bedew atlarymyzyň ajaýyp zamanamyzda Watanymyzy we halkymyzyň abraýyna abraý, şöhratyna şöhrat goşýandygy buýsandyryjydyr. Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň adamzadyň maddy däl medeni mirasyny sanawyna girizilmegi hem munuň aýdyň nyşany bolup, halkymyzyň gymmatly hazynasynyň, asyrlaryň dowamynda kemala getiren mill miasynyň dünýä gymmatygy hökmünde ykrar edilmegidir. Ahalteke bedewlerini şan-şöhratyny barha artmagynda ýurdumyzyň “Galkynyş” milli at üstündäki oýunlar toparynyň hem örän uly goşant goşjakdygyny nygtamak ýakymlydyr. Geçen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Monako Knýazlygyny Monte-Karlo şäherinde geçirlen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda “Galkynyş” milli at üstündäki oýunlar toparynyň altyn baýraga hem-de beýleki ýörite bayraklara mynasyp bolmagyny, bedew atlarymyz bilen baglanyşdyrylyp “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan- bedew batly at-myradyň mekany” diýlip atlandyrylan yylyň ikinji ayynda geçirilen 48-nji halkara sirk sungaty festiwalynda bu topara sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagyny döwrümiziň ajaýyp wakalary hökmünde buýsanç bilen görkezmek bolar. Bedewlere ykbalyny baglan, ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirmekde uly hormata, abraýa eýe bolan adamlaryň çekýän asylly zähmetine hem ajaýyp zamanamyzda ýokary baha berilýändigi aýratyn nygtalmaga mynasypdyr. Olara “Türkmenistanyň at gazanan atşynasy”, “Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary”, “Türkmenistanyň halk atşynasy” diýen hormatly atlaryň dakylmagy seýle adamlara halkyň söýgüsiniň we sarpasynyň örän uludygynyň döwletimiz tarapyndan ykrar edilmegidir.

Türkmen bedewiniň milli baýramy guty bolsun! Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen bedew batly ösüşlere beslenýän döwrümizde toýlar toýlara, baýramlar baýramlara ulaşyn!

*Işanguly Meretnyýazow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Bedenterbiýe fakultetiniň dekany.**

# «TÜRKMENISTAN – RUHUBELENTLIGIŇ WE SAGDYNLYGYŇ ÝURDY» ATLY XV SPORT ÝARYŞLARY DABARALANÝAR

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sportuň ösen milli ulgamyny döretmek, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek arkaly halkymyzyň saglygyny pugtalandyrmak, beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek, Türkmenistan döwletimizde olimpiýa hereketini, ýokary netijeli sporty ösdürmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak babatynda uly işler amala aşyrylýar. Bu ugurda milli maksatnamalarymyz, toplumlaýyn özgertmelerimiz üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda hereket edýän bedenterbiýe we sport maksatly milli maksatnamalaryň we toplumlaýyn meýilnamalaryň, şeýle hem «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmekligiň çäklerinde her ýyl sportuň görnüşleri boýunça «Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly şygar bilen umumybilim edaralarynyň Spartakiadasynyň, hünär-tehniki we orta hünär bilim edaralarynyň arasynda sport ýaryşlarynyň, ýokary hünär bilim edaralarynyň Uniwersiadasynyň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň Spartakiadasynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň arasynda sport ýaryşlarynyň, şonuň ýaly-da ýurdumyzyň umumybilim edaralarynyň okuwçylarynyň arasynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň nesilleri», talyplarynyň arasynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talyplary» atly sport ýaryşlarynyň, «Altyn top» atly futbol ýaryşlarynyň, «Biz Oguzhan nesli» atly milli oýunlar boýunça bäsleşikleriniň, Bütindünýä saglyk güni, Bütindünýä welosiped güni mynasybetli köpçülikleýin welosipedli ýörişleriň hem-de bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş çäreleriniň geçirilmegi köpçülikleýin sporty we bedenterbiýäni ösdürmekde täze joşgun döretdi. Bularyň ählisi Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda ilatymyzyň ähli gatlaklaryny bedenterbiýä we köpçülikleýin sporta çekmekden, agzybir jemgyýetimize sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden ornaşdyrmakdan, ösüp gelýän nesli sporty söýmek we halal zähmete hormat goýmak ruhunda terbiýelemekden, sportda ýaş zehinleri ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda sportuň 11 (suwda ýüzmek, ýeňil atletika, kiçi futbol, woleýbol, basketbol, gandbol, küşt, düzzüm, tennis, stoluň üstünde oýnalýan tennis, türkmen milli göreşi) görnüşi, hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sportuň 13 (suwda ýüzmek, ýeňil atletika, kiçi futbol, basketbol 3x3, küşt, şaşka, düzzüm, armlestling, stoluň üstünde oýnalýan tennis, milli göreş, woleýbol, tigir sürmek, tanap çekmek) görnüşi, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sportuň 21 (suwda ýüzmek, ýeňil atletika, woleýbol, sambo göreşi, milli göreş, küşt, şaşka, düzzüm, stoluň üstünde oýnalýan tennis, grek-rim göreşi, erkin göreş, futbol, futzal, gandbol, badminton, basketbol, tennis, bilýard, tigir sürmek, dzýu-do göreşi, armrestling) görnüşi, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň arasynda sportuň 7 (küşt, şaşka, stoluň üstünde oýnalýan tennis, suwda ýüzmek, badminton, woleýbol, basketbol) görnüşi, Harby we hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleriniň arasynda sportuň 9 (woleýbol, basketbol, ýeňil atletika, stol tennisi, tennis, suwda ýüzmek, milli göreş, küşt, sambo göreşi) görnüşi, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň arasynda sportuň 8 (woleýbol, basketbol, suwda ýüzmek, ýeňil atletika, stoluň üstünde oýnalýan tennis, tennis, milli göreş, küşt) görnüşi, ýurdumyzyň welaýatlarynyň we Aşgabat, Arkadag şäherleriniň ýygyndy toparlarynyň arasynda sportuň 9 (stoluň üstünde oýnalýan tennis, tennis, milli göreş, küşt, dzýudo, erkin göreş, grek-rim göreşi, sambo göreşi, boks) görnüşi boýunça ýaryşlar uly ruhubelentlik bilen ýokary derejede geçirildi.

2026-njy “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýylynyň 30-njy aprelinde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň Köpugurly sport toplumynda “Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy” atly sport ýaryşlarynyň ýeňiji toparlaryny sylaglamak dabarasy ýokary guramaçylykly geçirildi. Ady agzalan sport ýaryşlarynyň ýeňiji toparlaryna ýurdumyzyň jemgyýetçilik birleşikleriniň sowgatlary, medallary, kuboklary hem-de Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň Hormat hatlary dabaraly ýagdaýda gowşurylyp, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen giňden ýaýbaňlandyrylandy. «Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly şygar astynda geçirilýän bu ýaryşlar halk köpçüligini bedenterbiýe we köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga giňden çekmäge, olaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini we fiziki işjeňligi terbiýelemäge ýardam berýär.

***Selbi Kulyýewa,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

# HALKARA SPORT HYZMATDAŞLYGYNYŇ MEKANY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda saglyk aýy mynasybetli dürli baýramçylyk çäreleri, maslahatlar, sergi, görkezme çykyşlary we talyplaryň arasynda bäsleşikler geçirildi. Aprel aýynyň başynda “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – Halkara sport hyzmatdaşlygynyň we sagdynlygyň mekany» atly sanly ulgam arkaly Halkara ylmy-amaly maslahaty ýokary derejede geçirildi. Halkara ylmy-amaly maslahatyň açylyş dabarasy we umumy mejlisi, maslahatyň işiniň bölümleri we maslahatyň jemleýji mejlisi ýokary derejede guramaçylykly geçdi.

Maslahaty ýokary okuw mekdebiniň rektory Hydyr Nunnaýew açdy. Soňra Russiýa Federasiýasyndan Albert Demçenko, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyndan Andreý Nazarenko, Özbegistan Respublikasyndan Raşid Matkarimow, Gyrgyz Respublikasyndan Ermek Tukeýew, Gazagystan Respublikasyndan Gulsin Kenjebekowa, Ermenistan Respublikasyndan Tigran Petrosýan, Türkiýe Respublikasyndan Fatma Neşe Şahin, Hytaý Halk Respublikasyndan Heitor Walente, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygyndan Stiw King, Azerbaýjan Respublikasyndan Elşan Farajew, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan Mi M. Han ýalylar özleriniň gyzykly çykyşlary bilen çykyş edip, sport ulgamyna degişli gyzykly maglumatlary ara alyp maslahatlaşdylar. Jemi 24 sany ylmy mowzuklar bilen onlaýn arkaly çykyşlar dowam etdirildi, dünýä ýüzünde sport görnüşleri bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maslahatyň 1-nji bölümi “Bedenterbiýäniň we sportuň pedagogikasynda amaly tejribeler” ady bilen geçirildi. “Sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmakda bedenterbiýäniň hem-de sportuň orny” atly 2-nji bölümçede mugallymlar gyzykly maglumatlary diňleýjilere ýetirdiler, mugallymlaryň arasynda çekeleşikli maslahatlar geçirildi. “Sportda emeli aň we innowasion tehnologiýalar” atly 3-nji bölümçe hem ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdeplerinden gelen professor-mugallymlaryň we talyplaryň gyzykly çykyşlary bilen dowam etdi. Her bölümçede 92 sany çykyşlar ýerine ýetirilip, Diýarymyzda saglygyň, bedenterbiýäniň we sportuň Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň berk goldawynda aýratyn üns berilmegi, sport bilen meşgullanýanlaryň, ýokary derejelere, baýrakly orunlara ýetýänleriň aladasynyň ýurt möçberinde edilýändigi barada söz sözlendi. Maslahatda çykyş edenler ýurdumyzyň sport abraýyny has-da belende galdyrmak barada çykyşlar etdiler. Maslahatyň jemleýji bölüminde Diýarymyzda saglygyň, bedenterbiýäniň we sportuň ösmegine uly goşant goşýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, alyp barýan işlerinde üstünlikler arzuw etdiler.

***Gülnur Baýlyýewa,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

# BOKSA BAGLANAN ÖMÜR




Dünýä ýurtlarynda geçirilýän iri halkara sport ýaryşlarynda türkmen tugumuzyň al-asmanda birinjileriň hatarynda pasyrdamagy tutuş türkmen iliniň ýüreklerinde begenç, ýüzlerinde ýylgyryş emele getirýär. Şeýle ussatlary taýýarlaýan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport inistitudynda ussat tälimçiler, eminler, mugallymlar uly hyjuw bilen zähmet çekýärler. Biz hem gazanylýan üstünliklerden ruhlanyp, diňe bir ýurdumyzda däl, dünýäniň sport arenasynda meşhur bolan eminlerimiziň maslahatlary, ömür ýoly barada söhbetdeş bolup okyjylarymyz bilen paýlaşmagy makul bildik.

Halkara derejeli emin Işanguly Meretnyýazow özüniň onlarça ýyllyk hünär ýolunda dünýä we sebit derejsindäki ýaýşlara eminlik etmek bilen, sowatly, adalatly çözgütleri çykaryp, milli we halkara sportda abraý eýesi bolup gelýär. Ussadyň tälim, bermegi bilen ýetişen türgenlerimiz bu günki gün hormatly Prezidentimiziň sport diplomatiýasyny dünýä ýaýmakda, döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tuguny belentde parlatmakda köplere görelde bolýarlar.

Salam mugallym türkmen sportunda ýetilýän beýik sepgitler ählimiziň göwünlerimizi galkyndyrýar. Türgenlermiziň ýeňişleri - ýurdumyzyň üstünligi. Siziň bilen gürrüňdeş bolup, ýaşlara berjek maslahatlaryňyzy gazetimizde okyjylara ýetirmegi makul bildik.

Köp sag boluň hormatyňyza! Sportda gazanylýan üstünlikler ata watanymyzyň bedew bady bilen ynamly öňe sary barýanlygyna şaýatlyk edýär. Näme sowallaryňyz bolsa arkaýyn ýüzlenip bilersiňiz.

Men çagalykda sportuň göreş görnüşi bilen meşgullanýardym. Kakam işçi bolup zähmet çekse-de, sporty gowy görerdi. Ol her gezek teleýaýlymda boks ýaryşy gidip duran wagty: "Oglum sen geljekde ökde boksçy bolarsyň, çepbekeýiň çeýi bolmaz, eden işiniň kemi bolmaz" diýipdirler diýerdi. Şeýlelikde, kakamyň arzuwy, ynanjy meni boksçy bolmagyma itergi berdi hem-de 5-nji synpdan bäri sportuň boks görnüşi bilen meşgullanyp, 1994 – 2004-nji ýyllarda yzygider boks boýunça Türkmenistanyň çempiony boldum.

Iri ýaryşlarda Halkara derejeli emin bolup gatnaşmak nähili jogapkärçiligi talap edýär?

Türgen üçin ýaryş gelejekki ykbal. Emin şol türgenleriň ykbalyny kesgitleýji. Ýaryşda türgenleriň her bir hereketini, urgusyny nazaryňdan sypdyrman adalatly çemeleşmeli. Olaryň hereketlerini anyklamak üçin bolsa emin türgeniň arka tarapyndan däl-de öňünden synlamaly.

Ýeňijini yglan etmeli pursat gelen mahaly çylşyrymly ýagdaýa düşüp görüpmidiňiz?

Elbetde, şeýle pursatlara kän gabat gelipdim. Sebäbi ýaryşa türgenleriň ählisem "ýeňiş gazanaryn" diýip, ynam bilen orta çykýar. Ýatlap geçsem Gazagystan, Özbegistan, Gruziýa, döwletlerinde boks boýunça geçirilen ýaryşda türgenleriň tutluşygy uzaga çekdi. Iki tarap biri-birine ýan berer ýaly däldi. Köp ýyllyk toplan tejribämiň esasynda ýeňijini yglan etmek başardypdy.

Siz üçin ýaryşa gatnaşyjy bolup çykyş etmekmi ýa-da emin bolup gatnaşmak haýsy has jogapkärçiligi talap edýär?

Ikisi hem öz ornunda jogapkärçilikli. Sen ýaryşa çykanyňda diňe özüň däl-de öz ýurduň ady bilen çykyş edýärsiň. Türkmenistan ýurdundan emin bolup gatnaşmak, adalatly netijä gelip ýeňijini yglan etmek has-da jogapkärçiligi talap edýär.

Emin hökmünde türgenlere maslahatyňyzy alsak, ýaryşda ýeňlişe sezewar bolan türgenler, özlerini ruhy taýdan nähili saplamaly?

Ýaryş, ýaryş bolýar. Türgen özüňi ýaryşa taýynlanynda, bir tarapdan ýeňlişe sezewar bolup biljekdigini nazara almaly. Haçanda türgen ýeňilen halatynda psihiki dartgynly ýagdaýa düşýär. Şol pursat tälimçi oňa ilkinji ruhy goldaw kömek etmeli. Şeýle-de hiç haçan öz söýýän sportuňy taşlaman , tersine nirede, nähili ýalňyşlyklary goýbereniňi video seredip öz kemçilikleriň üstünde işläp ýalňyşlyklaryňdan sapak almaly. Öz kemçiliklerini, ýalňyşlyklaryny düzedip bilýän, hakyky ýeňijidir.

Üstünlikli çykyş edip ýeňiş gazanmak üçin näme zerur?

Elbetde hemme türgenler ýeňiji bolmak isleýär. Ýaryşda garşydaşyňdan üstün çykmak üçin köp zähmet çekmeli, galyberse-de öz gün tertibiňi ýöretmeli. Türgen 7, 8 sagat ukusyny almaly. Ukusyzlyk türgene fiziki gowşaklygy, psihiki ýadawlyga eltýär. Şonuň üçin türgen wagtly-wagtyna türgenleşmeli, naharlanmaly öz gün tetibiňi dogry alyp barmaly. Iň esasy hem tälimçiniň talaplaryny dogry-dürs, talabalaýyk ýerine ýetirmeli. Özüňe talapkärlilik, ynam, güýjüň netijesinde ýeňişli menzillere ýetmegi başararsyň.

Sport bilen meşgullanýan ýaşlara "Halkara derejeli emin" hökmünde nähili maslahatlary berýärsiňiz?

Men elmydama ýaşlara sport bilen meşgullanyň galybersede, rus dili, iňlis dilini suwara öwrenmekligi maslahat berýärin. Sebäbi türgenler wagtyň geçmegi bilen gelejekki tälimçiler, eminler bolup öz saýlap alan sportuny dowam etmeli. Köpräk sport gepleşiklerine tomaşa etmeli, eminlere mahsus inçe tilsimleri öwrenip, öz iş tejribäňi hasda baýlaşdyrmaly. Türkmenistan ýurdumyzda islendik sport ulgamynda kämilleşmek üçin öz güýjüňi iri halkara ýaryşlarynda synamak üçin ähli mümkinçilikler bar. Şeýle-de biziň Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institumyzda ussat halypa mugallymlar, tälimçiler uly yhlas bilen gelejekki çempionlary taýynlaýarlar, ençeme geçirilýän iri halkara ýaryşlarynda biziň talyp türgenlermiz dünýä çempiony bolmagy başardylar. Bu bolsa Gahryman Arkadagymyzyň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sport ulgamynda döredip berýän şertleriniň miwesidir.

Köp sag boluň halypa! Türkmen sportunyň at abraýyny, şöhratyny beýige galdyrmakda tutanýerli zähmetiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris.

Köp sag boluň, islendik ulgamyň, pudagyň ösmegi üçin giň mümkinçilikler şertler zerur bolup durýar. Şeýle giň mümkinçilikleri, şertleri döredip berýän sportumyzyň hak howandarlary Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag ömürleri uzak bolsun!

***Merjen Gulnazarowa,* Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 1-nji ýyl talyby.**

# SAGLYK - DURMUŞ ÝÖRELGÄMIZ

Eziz Diýarymyzda her bir raýatyň, hususan-da, ösüp gelýän ýaş nesilleriň saglygy ugrunda edilýän aladalaryň netijesinde ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda ýokary sepgitlere ýetilýär. Şu jähtden ugur alýan Ata Watanymyzda halkymyzyň saglyk ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen köpçülikleýin bedenterbiýe we sport ulgamy has-da ösdürilýär. Ösüp gelýän ýaş nesilleriň sagdyn we berk bedenli bolup kemala gelmegi üçin eziz Diýarymyzda bimöçber işler durmuşa geçirilýär.

Sport - saglyk durmuş ýörelgämiziň aýrylmaz bir bölegidir. Sport ruhubelent ýaşaýşa çagyryşdyr. Ynsan sporty aýrylmaz hemrasyna öwürse, diňe bir beden güýjüne däl-de, eýsem, ruhy güýje hem eýe bolýar. Bu güýjüň düýp sakasy bolsa bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanmakdyr. Halkymyz sagdyn durmuş ýörelgelerini dabaralandyrýan sport çärelerini geçirmegi asylly däbe öwürdi. Bu däp bolsa biziň durmuş ýörelgämizdir. Ata Watanymyzda her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni giňden bellenilýär. Baýramçylyk mynasybetli halkymyz, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda welosiped ýörişine gatnaşýarlar. Bu asylly ýörelge ösüp gelýän ýaş nesli köpçülikleýin bedenterbiýe we sport bilen giňden meşgullanmaklyga ugrukdyrýar. Şeýle mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutýan tutumly işleri mundan beýläkde rowaçlyklara beslensin.

***Saparnyýaz Ilmyradow,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# SAGDYNLYGYŇ MEKANYNDA HYZMATDAŞLYGY ILERLEDIP









Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — halkara sport hyzmatdaşlygynyň we sagdynlygyň mekany» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi. Sanly ulgam arkaly geçirilen maslahatda sport diplomatiýasyny ilerletmegiň ugurlary, ýokary derejeli türgenleri taýýarlamak, sport we bedenterbiýe arkaly saglygy dikeltmek boýunça ylmy garaýyşlar beýan edildi. Şeýle hem maslahatyň çäklerinde ýurdumyzyň sportdaky üstünlikleriniň hem-de ýokary okuw mekdebiniň «Olimp» ylmy-usuly merkeziniň we ylmy gurnaklaryň işleri bilen tanyşdyrýan sergi guraldy.

Bütindünýä saglyk gününe gabatlanyp geçirilen halkara ylmy-amaly maslahat Özbegistan, Türkiýe, Hytaý, Russiýa, Amerika, Beýik Britaniýa, Gruziýa, Rumyniýa, Gazagystan, Belarus, Azerbaýjan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Ermenistan ýaly döwletleriň sport we bedenterbiýe ulgamynda işleýän alymlaryny, professor-mugallymlaryny, tälimçilerini, hünärmenlerini bir ýere jemledi.

Umumy mejlisde çykyş edenleriň belleýşi ýaly, sport diňe bir ýaryşlardan ybarat däldir, ol halklaryň arasynda dostlugy, ynanyşmagy we özara düşünişmegi berkitmegiň, parahatçylygy dabaralandyrmagyň möhüm guralydyr. Türkmenistan hem hut şu ýörelgeden ugur alyp, halkara sport hyzmatdaşlygyny ösdürmek arkaly dünýäde parahatçylyk medeniýetine mynasyp goşant goşýar. Türkmenistanda sport ylymlarynyň yzygiderli ösdürilmegi ýaşlaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine ylmy esasda çemeleşmegini gazanmakda uly ähmiýete eýedir. Aýratyn-da, talyplar sporty milli sport federasiýalary bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyk arkaly has-da kämilleşýär. Şeýle hem ýurdumyzda sport arkaly parahatçylygy berkitmek, ýaş nesliň beden we ruhy taýdan sazlaşykly ösüşini üpjün etmek, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek ugrunda ähli mümkinçiliklerden işjeň peýdalanylýandygy nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, dürli ugurly, şol sanda sport çäreleriniň yzygiderli geçirilmegi köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze derejelere çykýandygyny görkezýär.

Beýik Britaniýanyň Kembrij uniwersitetiniň neşirýat we bahalandyryş bölüminiň Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça ýolbaşçysy Stiw King öz çykyşynda akademiki üstünlik üçin giň we deňagramly okuw meýilnamasyny üpjün etmekde bedenterbiýäniň ähmiýetine ünsi çekdi. Nygtalyşy ýaly, okuw maksatnamalary işlenilip taýýarlanylanda, onda fiziki işjeňligi artdyrýan çärelere aýratyn orun berilmelidir. Okuw sapaklarynyň bedenterbiýe maşklary we oýunlar bilen utgaşdyrylmagy synp gurşawyny işjeňleşdirip, hususanda, matematika we hasaplama bilen bagly derslerde okaýanlaryň ýumuşlary netijeli özleşdirmegine ýardam edýär. Mundan başga-da, bedenterbiýe bilen utgaşdyrylýan sapaklar okaýanlaryň okuwdan daşarky gurşawda hem özüni alyp barşyna oňyn täsirini ýetirýär.

Halkara Sport tehnologiýalary birleşiginiň wekili, Hytaýyň Çengdu sport uniwersitetiniň mugallymy Heitor Walente çykyşynda futbolyň mysalynda türgenleri taýýarlamakda az çykdajyly usullar barada giňişleýin durup geçdi.

Russiýa Federasiýasynyň «Ewrika» bilermenler-maslahat beriş merkeziniň baş direktory, Russiýanyň Halkara Olimpiýa uniwersitetiniň mugallymy Lew Gutmanyň çykyşynda ýurtda bedenterbiýe hereketini we sporty ösdürmekde netijeli, howpsuz sport desgalarynyň ulgamyny kemala getirmegiň ähmiýetine ünsi çekildi. Bellenilişi ýaly, sport desgasy köp ýyllaryň dowamynda belli bir kanunlar we düzgünler esasynda hereket edýän çylşyrymly düzümdir. Bu kanunlary we düzgünleri bilmezlik ýa-da olara eýermezlik degişli desgalaryň işiniň netijeliliginiň peselmegine getirýär. Bu bolsa, öz gezeginde, türgenleşikler we ýaryşlar üçin amatlylyk derejesini azaldyp, desgalara edilýän hyzmatlar üçin çykdajylary köpeldýär. Sport desgasynyň düzümlerini we olaryň işleýiş düzgünlerini bilýän dolandyryjy bar bolan serişdelerden netijeli peýdalanyp, sporty we oňa degişli desgalary adamlar üçin has özüne çekiji ýere öwrüp biler.

Soňra halkara ylmy-amaly maslahat öz işini «Bedenterbiýäniň we sportuň pedagogikasynda amaly tejribeler», «Sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmakda bedenterbiýäniň hem-de sportuň orny», «Sportda emeli aň we innowasion tehnologiýalar» atly bölümlerde dowam etdi. Olarda degişli ugurlarda ýurdumyzyň we daşary döwletleriň alymlarynyň, professor-mugallymlarydyr hünärmenleriniň çykyşlaryna uly orun berildi. Maslahat sport we bedenterbiýe babatda diňe bir ylmy pikirleri alyşmak üçin däl, eýsem, täze hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny, innowasion çemeleşmeleri we umumy maksatlary ilerletmek üçin-de amatly meýdança bolup hyzmat etdi.

Halkara ylmy-amaly maslahat Bütindünýä saglyk güni mynasybetli geçirilýän köp sanly sport we medeni çäreler bilen utgaşdy. Oňa gabatlanyp, «Hereketli we sanly sport — sportda innowasiýalar» ady bilen ýaryşlar guralýar. Şu günler institutda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sportuň fijital-futzal, fijital-basketbol, fijital-stol tennisi we fijital-küşt görnüşleri boýunça guralýan ýaryşlar özüniň täzeçilligi we innowasion tehnologiýalara esaslanýandygy bilen ýaşlarda uly gyzyklanma döredýär.

**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty.**

## BEDENTERBIÝE WE SPORT BOÝUNÇA VI INTERNET BÄSLEŞIGI




2026-njy ýylyň 17-nji aprelinde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda her ýylyň aprel aýynda geçirilmegi däbe öwrülen bedenterbiýe we sport boýunça VI internet bäsleşigi üstünlikli tamamlandy. Bäsleşige ýurdumyzyň 17 sany ýokary okuw mekdebiniň wekilleri işjeň gatnaşdylar. Bäsleşigiň esasy maksady bedenterbiýe we sport babatda talyplaryň bilimlerini artdyrmak, innowasiýalary we öňdebaryjy tejribeleri paýlaşmak, şeýle hem sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagy bilen ýaşlaryň aň-düşünjesini ösdürmekden ybaratdyr.

Bäsleşigiň geçirilmegi üçin Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň maglumat-tehnologiýalarynyň üsti bilen sanly test programma üpjünçiligi peýdalanyldy. Bäsleşige hödürlenen soraglar bedenterbiýe we sport ugrunda talyplaryň bilim derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirildi. Soraglar sportuň dürli ugurlary boýunça taýýarlanylyp, talyplara täze tehnologiýalar we öňdebaryjy usullar barada giňişleýin düşünje almaga mümkinçilik berdi.

Bäsleşikde anyk jogaplary bermekde we wagt artykmaçlygyny görkezmekde ýokary netijeleri görkezen talyplar ýeňijiler hökmünde kesgitlenildi. Şeýle bäsleşikler talyplaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine bolan gyzyklanmalaryny artdyrmaga we sport ulgamynda täze mümkinçilikleriň açylmagyna uly itergi berýär.

***Aýgül Ummatyýewa,*** **Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

## TÜRKMEN BEDEWINIŇ MILLI BAÝRAMY MYNASYBETLI GEÇIRILEN DÖREDIJILIK BÄSLEŞIGINIŇ ÝEŇIJILERI SYLAGLANYLDY

Aşgabat atçylyk sport toplumynda Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaralar geçirildi. Onuň çäklerinde «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşiginiň hem-de döredijilik işgärleriniň arasynda yglan edilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy.

— «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň Aşgabat çeper halyçylyk kärhanasynyň halyçysy M.Annaberdiýewa «Bagtyýar» atly haly eseri;

— Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň dizaýn kafedrasynyň mugallymy B.Amanow «Türkmen bedewi» atly at şaý-sep toplumy;

— Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň heýkeltaraşlyk kafedrasynyň mugallymy A.Mälikow «Türkmen bedew aty Toýly» atly heýkel eseri;

— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby I.Çüriýew «Bedew — göz guwanjym» atly foto işi;

— Türkmen döwlet medeniýet institutynyň operatoryň işi we montažyň režissýurasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby H.Kakabaýew «Türkmen bedewi» atly wideoşekili üçin Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň adyndan baýraklar bilen sylaglandy.



**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty.**

## EMELI AŇYŇ JEMGYÝETDÄKI ORNY WE ONUŇ GELJEK ÜÇIN ÄHMIÝETI

Ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlary hökmünde “emeli aň”, “emeli intellekt” ýaly adalgalar bilen atlandyrylýan düşünje häzirki zamanyň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň aralaşýar we muňa ösen döwletleriň ylymda hemde tejribede gazananlarynyň ýeten derejesi hökmünde halkara giňişliginde uly baha berilýär. Emeli aň ylmy düşünje hökmünde öňki on ýyllyklaryň dowamynda köp üns berilýän ugurlaryň birine öwrüldi. Onuň ykdysadyýetde eýeleýän möhüm ornuna uly baha berilýär, çünki dünýä alymlarynyň emeli aňyň ykdysadyýet üçin amatlylygyny esaslandyrýan işlerine ýygyýygydan duşmak bolýar.

Degişli ylmy çeşmeleriň maglumatlaryndan belli bolşy ýaly, dünýäniň häzirki ösüş tapgyrynda “emeli aň” diýen düşünjäniň üç görnüşi: a) dar düşünjedäki (gowşak); b) umumy görnüşdäki (güýçli); ç) aşa güýçli (super) emeli aň tapawutlandyrylýar. Emeli aňyň şu üç görnüşi birmeňzeş ýörelgä eýerýän hem bolsalar, biri-birinden manymazmun jähetden ýeterlik derejede aýry başgadyrlar. Dar düşünjedäki emeli aň. Bu haýsy hem bolsa diňe bir ugurly hyzmaty ýerine ýetirmäge niýetlenen emeli aňyň görnüşidir. Meselem: howa şertlerine gözegçilik etmek, küşt oýnamak we şuňa meňzeşler. Olara adam ýaly duýmak, çuňňur akyl ýetirip, bellibir netijä gelmek ýatdyr. Şeýle emeli aňyň görnüşlerine “Google Assistant”, “Google Translate”, “Siri” ýalylary mysal getirip bolar. Emeli aň adamy köp möçberdäki maglumatlary ýatda saklamakdan halas edýär.

Umumy görnüşdäki emeli aň bolsa adamyň intellektine meňzeş emeli aň görnüşidir. Bu hili emeli aň adamyň çözmegi başarýan islendik meselesini çözmäge ukyplydyr. Umumy görnüşdäki emeli aň, adama garanyňda, maglumatlary has çalt özleşdirýär, çalt işleýär, adamlar bilen sazlaşykly işlemegi başarýar, ýöne olaryň pikirlenmekleri we ýatlamaklary üçin, ýerine ýetirilmegi buýrulan işe adamyň goşulyşmasy gerek bolýar. Aşa güýçli (super) emeli aň. Oksfordly alymlaryň kesgitlemesine görä, emeli aňyň bu görnüşi durmuşyň ähli ugurlarynda işlemekde adamyň mümkinçiliklerinden has ýokary derejedäki başarnyklara eýe bolup biljek emeli aňdyr. Aşa güýçli emeli aň döredijilikden parasatlylyga we meseleleri çözmäge çenli, ähli ugurda adamdan has ýokary başarnyklary görkezer. Ylmyň we tehnikanyň ösen häzirki döwründe emeli aňyň birnäçe ýyl bäri millionlarçasynyň gündelik durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülendigini bellemek gerek. Emeli aň meseleleri çözmegiň adamyňka meňzeş mümkinçilikleri, mese- lem, goşgy düzmek, pikirlenip netijä gelmek, aýdylan söze düşünmek, tekst düzmek, öwretmek we şuňa meňzeşler. Emeli aň tehnologiýasynyň dünýäniň ýüzünde ulanylmagynyň ykdysady we kanuny çöz¬gütleriniň doly güýje girizilmegi bilen, wagtyň geçmegi bilen ol mümkinçiliklerden peýdalanjak işewür toparlaryň köpeljekdigi açyk gö-rünýär. Emeli aň tehnologiýasyndan peýdalanmagyň iň bähbitli ýoly şol ugurdan güýçli hünärmenleriň onuň mümkinçiliklerini özüne gulluk etdirip, peýdalanyp bilmekdedir. Emeli aň tehnologiýasy barha biziň durmuşymyzyň ähli ugurlaryna işjeňlik bilen ornaşýar. Geljekde bu çylşyrymly tehnologiýanyň düýpli özleşdirilmegi döwrebap dünýäniň ykdysadyýetine we sanly eýýamyň ylmy talaplaryna taýýar bolmaklyga uly ýardam eder.

***Aýnur Esenamanowa,*** **Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sport tehnologiýalary we menejmenti kafedrasynyň mugallymy.**

# BEDEWLI MENZILLER

Türkmen halkynyň gözbaşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan baý medeni mirasynyň iň gymmatly hazynalarynyň biri bolan atşynaslyk sungaty Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ynamly öňe alyp barýan parasatly syýasatynyň netijesinde täzeçe röwşe eýe bolýar. Behişdi bedewlerimize bolan söýgi, diňe bir halkymyzyň durmuşynyň bir bölegi bolman, eýsem onuň ruhy dünýäsiniň, milli özboluşlylygynyň, taryhy ähmiýetiniň we dowamlylygynyň aýdyň beýany hökmünde çykyş edýär. Şonuň üçin hem atçylyk pudagy we atçylyk sporty ýurdumyzda döwlet derejesinde aýratyn ähmiýet berilýän strategik ugurlaryň biri hökmünde kesgitlenýär.

Atçylyk sportuny ösdürmekde, ýaşlaryň sportuň bu görnüşine bolan gyzyklanmasyny artdyrmak babatynda asylly işler durmuşa geçirilýär. Ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdirmek, olary at çapyşyklaryna taýýarlamak üçin amatly şertler döredilýär. Ýakymly howa gurşawyny özünde jemleýän künjekde, Gahryman Arkadagymyzyň ýhlasyndan binýat bolan Arkadag şäherinde «At — myrat» okuw merkezi hereket edýär. Şeýle hem bu ýerde şäheriň binagärlik ärhitekturasyna görk goşup oturan Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda talyp ýaşlar atçylygyň dürli ugurlary boýunça bilim alsalar, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde atşynaslyk sungatyny kämilleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Häzirki döwürde atçylyk sportuny ösdürmekde halkara hyzmatdaşlygyň geriminiň giňeldilmegine uly ähmiýet berilýär. Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen tejribe alyşmak, bilelikdäki okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmek, halkara ýaryşlara gatnaşmak ýaly mümkinçilikler giňden peýdalanylýar. Munuň aýdyň şaýady hökmünde Gahryman Arkadagymyzyň ABŞ we Germaniýa Federatiw Respublikasyna amala aşyran saparlarynyň çäklerinde «La Victoria» atçylyk toplumyna barmagy, Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasynda atçylyk sporty boýunça ýygjam gatnaşyklary ösdürmek dostlukly ýurduň atşynaslarynyň, atçylyk sporty bilen meşgullanýanlaryň arasynda hyzmatdaşlygy giňeltmek we bu babatda mümkinçilikleri peýdalanmak, şu ýylyň 11 — 23-nji awgusty aralygynda Germaniýanyň Aahen şäherinde geçiriljek «FEI World Championship 2026» çempionatyna, sentýabr aýynda Niderlandlar Patyşalygynda boljak ahalteke atlarynyň gözellik bäsleşigine, Fransiýada, Beýik Britaniýada geçiriljek at bilen bagly çärelere gatnaşmagy gazanmagyň we olara ýokary derejede taýýarlyk görmegiň möhümdigi bellenildi. Milli Liderimiz Hytaý Halk Respublikasyna dostlukly saparynyň çäklerinde «Equuleus» halkara atçylyk toplumyna baryp Hytaý Atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçylary, akademiki toparyň we atçylyk toplumynyň wekilleri bilen duşuşdy. Munuň özi ähli ulgamlarda bolşy ýaly, atçylyk pudagynda hem ikitaraplaýyn gatnaşyklary işjeňleşdirmäge, milli atşynaslarymyz bilen tejribe alyşmaga, türkmen türgenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, täze üstünliklere ýetmäge ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli ýurdumyzda we daşary ýurtlarda geçirilmegi hem-de gatnaşylmagy meýilleşdirilýän atçylyk we atly sport ugurlary boýunça tassyklan çäreleriň Maksatnamasyna laýyklykda, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary mart aýynda Azerbaýjanda saparda boldular. Bu döwürde Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasyndaky ilçihanasy tarapyndan bu ýurduň Milli ylymlar akademiýasynyň Magtymguly Pyragy adyndaky türkmen edebiýaty merkezinde hem-de Ýaşlar we sport ministrliginiň Respublikan ýöriteleşdirilen Olimpiýa ätiýaçlygy atçylyk sporty boýunça çagalar we ýaşlar sport mekdebinde guralan maslahatlarda we duşuşyklarda türkmen bedewleriniň dostlukly ýurtda giňden wagyz edilmegi, çapyksuwarlary, seýisleri we atçylyk ulgamynyň hünärmenlerini taýýarlamak boýunça hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri barada pikir alşyldy. Saparyň dowamynda «Türkmen atlary» döwlet birleşigi bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Atçylyk federasiýasynyň arasynda atçylyk sporty we atçylyk ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Munuň esasy maksady atçylyk sporty we atçylyk sport işi babatda hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we berkitmäge, şeýle hem bu ugurda özara gatnaşyklaryň hilini täzelemäge ýardam etmekden ybaratdyr.

Umuman aýdanymyzda, atçylyk sporty ýurdumyzda diňe bir sportuň bir görnüşi hökmünde däl-de, eýsem milli mirasymyzyň aýrylmaz bölegi hökmünde hem barha rowaçlanýar. Munuň ösdürilmegi bilen birlikde, türkmen halkynyň asyrlar aşan gadymy däpleri, medeni gymmatlyklary we ruhy baýlygy nesilden-nesle geçirilýär. Döwlet tarapyndan döredilýän şertler, alnyp barylýan ulgamlaýyn işler we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi atçylyk sportunyň we atçylyk ulgamynyň geljeginiň nuranadygynyň şaýadydyr. Behişdi bedewlerimiziň şan-şöhraty bilen dünýä tanalýan ýurdumyzda bu ugurda geljekde hem täze üstünliklere beslenjekdigine, ösüşiň belent sepgitlerine ýetiljekdigine her bir türkmeniň kalbynda uly ynam bar.

***Daýanç Tagyşow,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**



# SPORTDA INNOWASION TEHNOLOIGIÝALAR

Garaşsyz Baky Bitarap Türkmenistan bedew batly at myradyň mekany ýylynda hem tehnologiýalaryň sporta öz täsirini ýetirip, bilelikde bütewi sazlaşygy döretmegi aýratyn bellärliklidir. Sebäbi döwrüň ösüşine laýyklykda ynsan aňy hem ösýär. Ynsan aňynyň kämilleşdirmekde sportuň ähmiýeti, innowasion tehnologiýalaryň sport ulgamy bilen arabaglanyşygy has-da uludyr. Sport jemgyýetimiziň sagdynlygyny üpjün edýän we has-da kämilleşýän gymmatlykdyr. Uzak geljegi nazarlaýan döwlet syýasatymyz täze tehnologiýalaryň sporta ornaşmagy netijesinde fijitil we kibersportuň döremegine getirdi.

Fijitil adalgasy “physical”- fiziki, “digital” diýen iňlis sözlerinden emele gelip, “Sanly hereketli sport” diýmegi aňladýar. Dünýä jemgyýetçiliginiň durmuşyna ylmyň soňky gazananlary bolan sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşmagy we olara bolan islegiň barha ýokarlanmagy esasynda sport bilen kibersportuň utgaşmagyndan fijitil sporty döreýär. Bu ugurdaky hünärmenler fijitil sporta täze hereketleri açmaga, dünýäniň gurluşynyň esasy bolup durýan wertual gurşawyň adamyň hakyky durmuşyna aralaşmaga kömek edýän innowasion gural hökmünde garaýarlar. Geçirilen barlaglarda elektron sportuň türgeniň döwrüň talabyna laýyklykda ösmegine, onuň kompýuter bilimini we düşbüligini artdyrmaklygyna, tehnologiýalaryň maglumat üpjünçiligi bilen içgin tanyşmaga şert döredýänligini, kiber türgenleriň sanynyň köpelmegini üpjün edýänligini anykladylar. Fijital sport (hereketli-sanly sport) – sportuň toplumlaýyn görnüşi bolup, türgen ýekelikde ýa-da toplumlaýyn sportuň belli bir görnüşi boýunça hereketli hem-de sanly wirtual dünýäde bäsleşýärler. Fijital sport beden taýýarlygyny talap edýän hereketli, adaty sport oýny bilen kibersportuň, ylmyň we tehnologiýanyň utgaşygyndan dörän täze sport görnüşidir. Munda türgen hem wirtual dünýäde kompýuterde ýokary netije görkezmeli, hem-de sport meýdançasynda özüni synamaly. Fijital sportda birbada iki ugurdan baş alyp çykmaly. Fijital sport kompýuter oýnunda wirtual dünýäde ussat kibertürgeniň ezberligini, çalasynlygyny iş ýüzünde synap görmegi maksat edinýär. Häzirki wagtda sportuň islendik görnüşi sanly ulgamda oýnamak üçin ýörite işlenen programmalarda elýeterlidir. Bu oýunlar sportuň haýsy görnüşinden taýýarlanan hem bolsa, ondaky düzgünler, kadalar hereketli görnüşinden tapawutlanmaýar.

Bütin dünýäde bolşy ýaly fijital sport Türkmenistanda hem meşhurlyga eýe bolýar. XXI asyryň iň soňky gazanan innowasion tehnologiýalary arkaly oýnalýan bu oýun talyplaryň fiziki we ruhy deňagramlygyny saklamaga mümkinçilik berýär. Sportuň bu görnüşiniň has täzedigine seretmezden, talyplaryň bu oýun görnüşleri bilen içgin gyzyklanýandyklaryny bellemek bolar.

Talyp-türgenlerde şeýle ýagdaýlary hasaba aldyk: oýna gatnaşýanlaryň sany gitdigiçe artýar; eminleriň täze şertlere uýgunlaşmak zerurlygy döreýär; köpçülikleýin meşgullanylýan sport görnüşiniň sanawyna goşulmaly we tehnologiýalar bilen üpjün edilmeli; bu ugur bilen meşgullanýan ýörite hünärmenleri taýýarlamak zerurlygy döreýär; köpçülik üçin edebiýat maglumatlary, gollanmalar bilen üpjün etmek gerek bolýar. Täze iş orunlaryny döretmek hem maksadalaýyk bolar.



Ine, şeýle hem sanly sportda fijital küşt oýny barada belläp geçsek fijital-küşt-nusgawy küşt bilen sanly tehnologiýalary birleşdirýän innowasion oýnuň görnüşidir. Fijital-küşt oýnunyň esasy wezipesi küşt oýnunyň çäklerini giňeltmek, täze tomaşaçylary özüne çekmek we bu gadymy oýna täzeçe innowasion garamagy maksat edinýär.

Sanly tapgyrda Emeli aňyň gazanylan mümkinçilikleriniň ulanylmagy aýratyn ähmiýetlidir. Fijital-küşt oýny häzirki wagtda başlangyç ösüş döwründe, şonuň üçin hem oýnuň dügünleri tehnologiýanyň ösmegi we täze pikirleriň döremegi esasynda has-da kämilleşip hem biler. Bu oýnuň görnüşi täze tomaşaçylary özüne çekmek, oýny has elýeterli we küşt tehnologiýasyndaky täzelikleri höweslendirmek arkaly küşt oýnuny ýaýratmak üçin ägirt uly mümkinçiliklere eýedir. Şeýle hem fijital-küşt, bu gyzykly oýnuň taryhynda küştüň geljegi üçin giň mümkinçilikleri açýan täze döwriň gelendigini habar berýär. Fijital-küşt gözlegleri tehnologiki täzelikleri adaty oýun bilen birleşdirýän geljegi uly ugry görkezýär. Şeýle gözlegler diňe bir täze tehnologiýalaryň küşt işine nähili täsir edýändigi baradaky soraglara jogap bermek bilen çäklenmän, täze okuw usullaryny ösdürmäge, ýaryşlaryň hilini ýokarlandyrmaga we innowasion oýun formatlaryny döretmäge kömek edip biler.

***Jennet Suwhanowa,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň köpçülikleýin görnüşleri kafedrasynyň mugallymy.**

# GÖZEL AŞGABAT



Döwletli, döwranly zamanada ýurdumyzyň paýtagtyny görmäge göz, taryplamaga söz gerek. Ak mermerli paýtagtymyz Aşgabat şäheri ajaýyp gözelligi bilen görenleri haýrana goýýar. Bu gün Aziýanyň merjen şäheri hasaplanýan Aşgabadyň waspy belentden ýaňlanýar. Watan waspyny joşgunly şahyrana setirlerde beýan edýän şahyr Kakamyrat Rejepowyň “Ak şäher” atly ajaýyp goşgusyny okanyňda paýtagtymyza bolan söýgiň has-da artýar:

*Oýa çagyň täsin düýş görüp bolýar,*
*Ganat baglap uçup bolýar ýerdekäň.*
*Aşgabat çalymdaş – kitapdan çykyp,*
*Ýürege ýol salan täsin ertekä.*

Merjen şäherimiziň belent derejelere ýetmegiň aňyrsynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň irginsiz aladalarynyň, tutanýerli zähmetleriniň, dowamly yhlaslarynyň ýatandygyny nygtamak gerek. Hemmetaraplaýyn ösen şähere öwürmek baradaky tagallalar uly rowaçlyklara beslenip, şäherimizde gurlan giň hem owadan köçeler, şaýollar, täsin görnüşe eýe bolan dürli görnüşli suw çüwdürimleri, ähli amatlyklary bolan döwrebap, kaşaň ýaşaýyş jaýlary, ösen tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan ýokary we orta hünär okuw mekdepleri, saglyk we sport desgalary, söwda we dynç alyş merkezleri hem-de beýleki desgalar bu gün ýurdumyzyň ähli raýatlarynyň abadan hem bagtyýar ýaşamagy üçin döredilen mümkinçiliklerdir. Aşgabada gadam basan her bir adamyň türkmen paýtagty hakyndaky buýsanja beslenen gürrüňlerini diňlän mahalyň bolsa, sözüň doly manysynda, ajaýyp, owadan, nurana we görkana şäherde ýaşaýandygyňa buýsanýarsyň.

Paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryna gezelenç etmegiň üýtgeşik lezzetini duýmaga mümkinçilik berýän, jana melhem arassa howasy, sergin saýaly baglary, ajaýyp suw çüwdürimleri bilen göwnüňi göterýän ol gülzarlyga beslenen seýilgählerde halkymyz ýylyň ähli paslynda dynç alyp, wagtlaryny hoş geçirip bilýärler. Şahyryň:

*Bagtyň bolup çüwer çüwdürimleri,*
*Olaň damjalarna tylla diýersiň.*
*Bu ak şäher meňzeş, ylla diýersiň –*
*Toý güni ak lybasyna beslenip,*
*Magşugyna gujak açýan hüýrlere.*
*Aşgabadym – yşk abadym gülleýär,*
*Tämiz söýgä ýugrup durkun-düýrmegin –*

diýen setirlerinde hem tämiz söýgä ýugrulan ak mermerli paýtagtymyzyň-da, her damjasy tylla deýin lowurdaýan suw çüwdürimleriniň-de bagtyň alamatyny aňladýandygyna göz ýetirmek bolýar.

Üstümizdäki “Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýylynda şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy merjen şäherimizde dünýä derejesinde bellenler. Paýtagtymyzy dünýäniň ösen şäherleriniň hataryna çykarmakda irginsiz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize döwletli başlangyçlarynda hemişe rowaçlyklaryň ýaran bolmagyny arzuw edýäris. Günbe-günden özgerýän hem-de täzelenýän, nurly ösüşer ýaran bolsun

***Orazbibi Hajyamanowa,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## AŞGABATDA BEDEWLERIŇ PÄSGELÇILIKLERDEN BÖKÜP GEÇMEK BOÝUNÇA BÄSLEŞIGI GEÇIRILDI



Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli Aşgabat atçylyk sport toplumynyň açyk manežinde bedewleriň päsgelçiliklerden böküp geçmek boýunça dabaraly bäsleşik guraldy. Bu bäsleşik ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen atçylyk sportunyň ösüşiniň täze belentliklerine çykýandygyny alamatlandyrýan möhüm waka öwrüldi.

“Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýylynda guralýan dabaralar we geçirilýän bäsleşikler ýurdumyzda ajaýyp seneleriň ähmiýetini has-da artdyrýar. Bu bolsa geçirilýän çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmegini şertlendirýär.



Aşgabat atçylyk sport toplumynyň açyk manežinde geçirilen bäsleşige jemi 10 sany saýlama bedew gatnaşdyryldy. Ýaryşyň şertine görä, bäsleşik 3 tapgyrdan ybarat boldy. Şol tapgyrlar bedewleriň bellenilen degişli beýikliklerdäki birnäçe päsgelçiliklerden böküp geçmegini öz içine aldy.

Bäsleşige gatnaşýan bedewler päsgelçiliklerden bellenilen kadalara laýyklykda geçmegi başaryp, özleriniň görkezýän netijelerini artdyrdylar. Bu bolsa ýeňşe bolan ynamyň pugtalanmagynda aýratyn ähmiýetli hasaplanylýar. Şeýlelikde, ýurdumyzda geçirilýän toý baýramlaryň baş bezegine öwrülýän at çapyşyklary we päsgelçiliklerden bökmek ýaryşlary häzirki zaman durmuşyna barha işjeň ornaşýar. Bu bolsa ahalteke bedewleriniň dünýä ýüzündäki şöhratynyň has-da belende galmagyny üpjün edýär.

*Annageldi Gadamow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

## PEKINDA «TÜRKMENISTAN — HYTAÝ: DOSTLUK, SAGLYK WE EKOLOGIÝA DIPLOMATIÝASY» ATLY WELOSIPED ÝÖRIŞI GEÇIRILDI




2026-njy ýylyň 29-njy aprelinde, köpçülik sporty we fiziki terbiýäni ösdürmek boýunça döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň çäginde, şeýle hem Türkmenistanda geçirilýän Saglyk aýyna bagyşlanyp, Hytaý Halk Respublikasynyň paýtagtynda Türkmenistanyň Hytaýdaky Ilçihanasy tarapyndan diplomatlaryň, türkmen we hytaý ýaşlarynyň gatnaşmagynda dabaraly welosiped ýörişi geçirildi. Bu çäre barada Türkmenistanyň Daşary Işler Ministrliginiň (DIM) web-saýtynda habar berildi. [1]

“Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda dostluk, pes uglerodly saglyk we ýaş ruh” şygary astynda geçirilen bu çäräni Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Ilçihanasy gurady. Çäre Hytaýyň “Flying Pigeon” welosiped birleşiginiň we “China-Turkmenistan Cultural Center” guramasynyň, şeýle hem Hytaýyň iň gadymy welosiped öndüriji kärhanasy “Flying Pigeon” ýaly hytaý kompaniýalarynyň ýakyndan ýardam bermegi bilen amala aşyryldy.

Bu sport çäresiniň geçirilmegi Türkmenistanyň we Hytaýyň medeniýet we sport ugurlarynda ýokary derejeli hyzmatdaşlygynyň aýdyň subutnamasy boldy. Welosiped ýolunyň badalgasy we jemleýji nokady simwoliki ähmiýetli bolan Türkmenistanyň Milli Pawilýonynyň ýerleşýän ýerinde boldy. Ýaşlar guramalaryndan ybarat gatnaşyjy toparlar “Dongjimen” etrabynyň esasy köçeleriniň ugry boýunça ýörite işlenilip düzülen ugur boýunça hereket etdiler.

Sport çäresi hoşniýetli goşunçylyk we agzybirlik ýagdaýynda geçdi. Bu welosipedli ýöriş Türkmenistanyň halkara giňişliginde sport diplomatiýasyny öňe sürmek boýunça alyp barýan köptaraply işleriniň bir bölegidir. Ol sporty medeniýetleri birleşdirýän we iki halkyň uzak möhletleýin rowaçlygyna ýardam berýän ählumumy köpri hökmündäki ornuny ýene bir gezek tassyklady.

Guramaçylar şular ýaly başlangyçlaryň ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da baýlaşdyrmaga we Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky medeni-sport alyş-çalşygynyň täze däpleriniň kemala gelmegine ýardam berjekdigine ynam bildirdiler.

*Babamyrat Täşliýew,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

REDAKTOR:
***Baýlyýewa Gülnur***

**REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:**
M. Joraýewa, S. Bäşimowa, M. Durdyýewa, A. Amanowa, G. Soltowow, A. Halmedow, J. Baltabaýew, L. Kürenowa, H. Muhyýewa, A. Mämmedowa

**Salgysy:** 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

**E-mail:** *tdbsi@sanly.tm*

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşinde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

**Möçberi:** 8 sahypa